AMERIKANYŇ HALKYNYŇ ADYNDAN

# Daşary ýurt maliýeleşdirmegi almagyň kanunçylykda göz öňünde tutulan mümkinçilikleri

Aşgabat 2014

Bu neşir „Merkezi Aziýadaky Raýat Jemgyýetiniň Hukuk Hemaýaty (№176-A-00-09-00026-00 Ylalaşygy) Maksatnamasynyň çäklerindäki Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüşi boýunça Agentliginiň (USAID) hemaýat bermegi netijesinde Täjirçilik degişli däl hukuk boýunça halkara Merkezi (ICNL) tarapyndan taýýarlanyldy. Şeýle hem, USAID tarapyndan hemaýat berilmeginde „Raýat Jemgyýetiniň Ösüş Assosiasiýasy „RJÖA“ tarapyndan durmuşa geçirilýän „Sebitleýin hyzmatdaşlygyň üsti bilen Ösüş“ Maksatnamanyň çäklerinde türkmen diline terjime edilip çap edildi.

Bu neşiriň çap edilmegi ABŞ-nyň halkara ösüş boýunça Agentliginiň (USAID) üsti bilen amerikan halkynyň beren hemaýatynyň netijesinde mümkin boldy. Täjirçilik däl hukuk boýunça halkara Merkezi neşiriň mazmuny üçin jogapkärçilik çekýär we bu hökmany suratda USAID-iň ýa-da ABŞ-nyň Hökümetiniň garaýyşy diýmegi aňlatmaýar.

**Jogapkärçilikden ýüz döndermek baradaky beýannama:** Bu neşirde görkezilen materiallar umumy maglumat hökmünde ulanylmaga degişli bolup, okyjylar tarapyndan haýsy-da bolsa bir çözgüdi kabul etmekde ýa-da ony kabul etmekden ýüz döndermekde ulanylmaly däldir.

Täjirçilik däl hukuk boýunça halkara Merkezi bu neşirdäki maglumatyň takyklygy we dolylygy, şeýle hem bu neşiriň mazmunynyň ulanylanyndan soňraky netijesi üçin jogapkärçilik çekmeýär. Haýsy-da bolsa bir çözgüdi kabul etmezden ozal okyjy özüni gyzyklandyrýan kesgitli mesele boýunça professional hukuk maslahaty üçin ýüz tutup biler.

© 2014. Täjirçilik Degişli Däl Hukuk Boýunça Türkmenistandaky Halklara Merkezi (ICNL)

Türkmen edara görnüşli taraplar, şol sanda jemgyýetçilik birleşikler tarapyndan daşary ýurt maliýeleşdirmegi almagyň meselesi ilkinji gezek Türkmenistanyň Prezidentiniň "Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň we höweslendirmeleriň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň döwlet tarapyndan bellige almak hakynda" 2003-nji ýylyň 14-nji noýabryndaky 6446 belgili karary bilen düzgünleşdirildi.

Görkezilen karar, Türkmenistanda daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almagyň we ýeke täk döwlet sanawyny ýöretmegiň täze tertibini kesgitleýän, Türkmenistanyň Prezidentiniň "Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almak hakynda" 2013-nji ýylyň 18-nji ýanwaryndaky 12792 belgili karary kabul edilenden soňra, güýjini ýitirdi.

Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almagyň we bellige almagyň işini utgaşdyrmak we gözegçilik etmek boýunça Döwlet toparynyň döredilmegi (Kararyň 1-nji bölümi) we Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine daşary ýurtly hemaýatçylar bilen daşary ýurt kömegini alyjylaryň arasyndaky aragatnaşygy alyp barmak wezipesiniň ýüklenilmegi (Kararyň 3-nji bölümi) daşary ýurt kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri hasaba almak we sanawyny ýöretmek işine girizilen täze kada bolup durýar.

Berilýän daşary ýurt kömeginiň ahyrky maksadyna gözegçilik etmek işiniň kesgitlenmegi we bu gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamlaryň jogapkärçilik derejesiniň ýokarlandyrylmagy daşary ýurt muzdsuz kömeginiň ýurtdaky dolanşygyna we onuň berilmeginiň ahyrky maksady bilen bir hatarda, onuň möçberine we daşary ýurt kömegini alyjylyra döwlet tarapyndan berilýän ünsiň güýçlendirilendiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Kararyň 2-nji bölümine laýyklykda, Döwlet toparynyň düzümine Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri (Toparyň başlygy), Adalat ministri (Toparyň başlygynyň orunbasary) şeýle hem, Türkmenistanyň Daşary işler, Maliýe, Milli howpsyzlyk we Içeri işler ministrleriniň orunbasarlary, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasary, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasarlary, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň orunbasary hem-de Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň degişli müdirlikleriniň başlyklary girýärler.

Karar bilen tassyklanan, Türkmenistanda daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almagyň we yeke-täk döwlet sanawyny yöretmegiň Tertibine laýyklykda,

taslamalaryň, maksatnamalaryň we höweslendirmeleriň durmuşa geçirilmegi, olaryň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy barada berlen Netijenama (Tertibiň 2-nji bendi) esasynda amala aşyrylýandygy kesgitlenildi.

Tertibiň 5-nji we 6-nji tesimlerinde bellenilişi ýaly, ygtyýarly döwlet edaralary Daşary işler ministrliginiň üsti bilen gelip gowşan daşary ýurt hemaýatkärleriň daşary ýurt kömegini bermäge taýýardygy barada ýüz tutmalaryny öwrenip, berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň zerurlygyny kesgitläp, hasaba alýan döwlet edaralaryna habar berýärler hem-de şeýle kömegiň zerurlygy barada netije çykarýar.

Tertibiň 3-nji bölüminde daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň taslamalary, maksatnamalary hem-de höweslendirmeleri diýlen düşünjeleriň hukuk kesgitlemesi berilendir.

Ýagny, «Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, maliýe edaralary, daşary ýurt kompaniyalary we gaznalary, jemgyýetçilik birleşikleri we dini guramalary, şahsy taraplary tarapyndan Türkmenistanyň ministrliklerine we pudak edaralaryna, jemgyyetçilik birleşiklerine, dini toparlaryna we dini guramalaryna, şeyle hem beýleki edara görnüşli we şahsy taraplaryna eger-de bu Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelmeýän bolsa, muzdsuz esasda berilýän kömegiň we serişdeleriň hasabyna Türkmenistanda dürli ugurlar boyunça amala aşyrylýan taslamalar, maksatnamalar we höweslendirmeler, olary durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly berilýän nagt we nagt däl görnüşdäki pul serişdeleri, şol sanda daşary ýurt pullary, harytlar we serişdeler ýerine ýetirilýän işler we hyzmatlar daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň taslamalary, maksatnamalary hem-de höweslendirmeleri bolup durýar.»

Bu kesgitleme öň hereket eden 2003-nji ýylyň 14-nji noýabryndaky 6446 belgili karar bilen tassyklanan Tertipdäki kesgitleme bilen deňeşdirilende giňişleýin we has takyk beýan edilendir.

Ozaly bilen, esasy bellemeli zatlaryň biri berilýän daşary ýurt kömeginiň görnüşi indi diňe bir pul we maddy serişdeleri görnüşinde däl-de, **ýerine ýetirilýän işleri we hyzmatlary** hem öz içine alýar.

№12792 – nji Karar bilen tassyklanan Tertipdäki bu kada giňişleýin düşündiriş berlende, ýurduň aýratyn ýagdaýy bilen baglylykda, şahamça we wekilhana görnüşinde bellige alynmadyk, şol sebäpli hem dahylly däller bolup durýan dürli halkara guramalary (mysal üçin, kontraktantlar bolan USAID, ÝHHG we BMG) tarapyndan Türkmenistanyň dahyllylaryna daşary ýurt kömegi hökmünde ýerine ýetirilýän işleriň we hyzmatlaryň hasaba alynmaga degişli boljakdygy göz öňünde tutulýar.

Bu ýagdaýyň aýratynlygy şeýle guramalaryň **işleri we hyzmatlary (mysal üçin, maslahat bermek) näbelli şahslaryň topary üçin ýerine ýetirýänliginden** ybarat bolup, kömegi alyjylar tarapyndan alynýan hyzmatlary döwlet tarapyndan, haýsy-da bolsa bir görnüşde hasaba aldyrtmak - bu işi ýöretmegiň tertibi nukdaý nazaryndan hem tehnologik tarapdan hem mümkin däldir.

Daşary ýurt kömegi düşünjesine berlen hukuk kesgitlemäniň ikinji aýratynlygy daşary ýurt kömegini alyjylaryň toparynyň – Türkmenistanyň dahyllylarynyň takyklanmagydyr.

2003-nji ýylyň 14-nji noýabryndaky 6446 belgili Karar bilen tassyklanan Tertipde daşary ýurt kömegini alyjylar bolup, Türkmenistandaky «pudak edaralar» we «beýlekiler» diýlip bellenen bolsa, täze Tertipde daşary ýurt kömegini alyjylaryň topary takyk kesgitlenilip, Türkmenistanyň ministrlikleri, pudak edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri we dini guramalary, şol sanda, ýuridiki we fiziki şahslar çykyş edýärler.

Şu ýerde, Tertipde kesgitlenen döwlet tarapyndan hasaba alnyş düzgüni geçmekleri hökmäny bolan, şahsy taraplar tarapyndan daşary ýurt kömegini ýa-da höweslendirmäni almaga bolan mümkinçiligine üns berilmelidir.

Ilatyň hukuk sowatsyzlygy daşary ýurt kömegini alyjylaryň 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýän «Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky» Türkmenistanyň Kodeksiniň 65-nji maddasynda göz öňünde tutulan administratiw etmişi etmek howpyny döredýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-njy ýylyň 29-njy noýabryndaky «Administratiw jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdary bellemek hakynda» Permany bilen, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, administratiw jerimäniň möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk mukdary 100 manat möçberde bellenildi.

Kodeksiň 65-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, **jemgyýetçilik birleşigi, şol sanda döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşigi** hem-de **olaryň agzalary ýa-da gatnaşyjylary tarapyndan daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslaryndan** maliýe, maddy we beýleki kömegi bellige almagyň **Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibiniň bozulyp,** şeýle kömegiň alynmagy maliýe, maddy we beýleki serişdeleri muzdsuz alyp, fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden (200 manatdan) bäşisine (500 manada), wezipeli adamlara – bäşisinden (500 manatdan) onusyna (1000 manada) eltýär. Şol bir wagtda, ýuridik şahslara –binýatlyk mukdaryň ellisinden (5000 manatdan) ýüzüsine (10000 manada) çenli möçberde jerime salynmagy göz öňüne tutulandyr. Kodeksde bellenilişi ýaly, fiziki şahslar, wezipeli adamlar we ýuridik şahslar jogapkärçilige çekilen halatynda, bikanun edinilen maddy we beýleki serişdeleri muzdsuz alynmaga degişlidir.

Şeýle hem, Kodeksiň 65-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, **Döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik** birleşiginiň, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde **ýatyrylan ýa-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen** jemgyýetçilik birleşiginiň **türkmen edara görnüşli we şahsy taraplar** tarapyndan maliýeleşdirilmegi

-maliýe serişdelerini muzdsuz alyp ýa-da alman, binýatlyk mukdaryň bäşisinden (500 manatdan) onusyna (1000 manada) çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

Ozalky  hereket eden Tertipde bolşy ýaly, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň hem-de höweslendirmeleriň ýeke-täk döwlet sanawyny ýörediji bolup,

jemgyyetçilik birleşiklerine we dini guramalaryna berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini hasaba almak wezipesi Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň üstüne ýüklenilýändir.

Umuman, Sanawy ýöretmegiň maksadyna, Sanawyň maglumat binýadyny döretmek üçin zerur bolan resminalaryň toplumyna, taslamalaryň we maksatnamalaryň durmuşa geçirilişiniň barşy hakyndaky hasabaty bermegiň düzgünine uly bir üýtgetmeler girizilmedi.

Daşary ýurt kömekleriniň ähli görnüşlerini hasaba almakdan ýüz döndermek üçin esaslaryň kesgitlenmegi (Tertibiň 16-njy bölümi) täze girizilen kada bolup, şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Daşary ýurt kömegini alyjy barada nädogry maglumatyň berilmegi;

Daşary ýurtly hemaýatçylar barada nädogry maglumatyň berilmegi;

Daşary ýurt kömegini alyjynyň teklip edilen taslamany ya-da maksatnamany durmuşa geçirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlar.

Şunlukda, Tertipde kesgitlenen soňky iki esaslar taslamany ýa-da maksatnamany hasaba almakdak ýüz döndermek barada esassyz çözgüdiň kabul edilmegine hyzmat edip biler diýlip düşünilýär.

Çünki, bu kadada „mümkinçilik“ diýlen düşünjäniň ölçegleriniň takyk kesgitlemesiniň ýokdygy sebäpli, daşary ýurt kömegini alyjynyň teklip edilen taslamany ya-da maksatnamany durmuşa geçirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygyna **baha berilmeginiň subýektiw boljakdygy** aýdyňdyr. Ylaýtada, bu kada „beýleki halatlar“ diýlip giňişleýin düşünilýän adalga degişlidir.

Tejribede bu esaslara mysal üçin, daşary ýurt kömegini alyjylarda aýratyn ýagdaýlarda talap edilýän ýörite biliminiň we hüneriniň ýa-da kesgitli işi we işiň görnüşini durmuşa geçirmegi talap edýän ýörite ygtyýarnamanyň, sertifikatyň, patentiň, emläkleýin däl hukuklaryň we ş.m. bolmazlygyna düşüniljekdigine ynanylýar.

Elbetde, Tertibiň (41-44-nji tesimlerinde) taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin pul serişdeleriniň geçirilmeginiň tertibini kesgitleýän kadalar «Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunyndan we bu ugurdaky Türkmenistanyň halkara borçnamalaryndan gelip çykýar.

Tertibiň 41-nji bendinden gelip çykyşy ýaly, nagt we nagt däl görnüşdäki pul serişdeleriniň geçirilmegi bilen bagly bolan ähli bank amallary Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan amala aşyrylyar.

Pul serişdeleri bilen baglanyşykly hereketler-amallar amala aşyrylanda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi amala aşyrýar.

Birmeňzeş düşünilmegi we dogry ulanylmagy üçin, ygtyýarly döwlet edara tarapyndan Tertibiň 45 –nji bendine hem düşündiriş berilmegi talap edilýär.

«Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri, şeýle hem onuň durmuşa geçirilmegi üçin alnan harytlar, emläkler, pul we beýleki serişdeler saýlawlara, sala salşyklara taýýarlyk görmek we

geçirmek, deputaty yzyna çagyrmak, ýygnanyşyklary, köçe yörişlerini, mitingleri, demonstrasiýalary, garşylyklary, iş taşlaýyşlary guramak we geçirmek, wagyz maglumatlaryny taýyarlamak, ýaýratmak we syýasy partiýalaryň maksatlary, şeyle hem ilatyň arasynda okuw maslahatlary we syýasy we köpçülikleýin-wagyz işleriniň beýleki görnüşlerini geçirmek üçin peýdalanyp bilinmez.»

Bu kadada syýasy işleri şol sanda, syýasy partiýalaryň maksatlary üçin saýlaw kampaniýalary, köpçülikleýin-wagyz çärelerini gurnamak üçin daşary ýurt kömegi ýa-da höweslendirme görnüşinde alynan maliýe we maddy serişdeleriň ulanylmagynyň gadagan edilmegi düşnüklidir we döwletiň özygtyýarlygyndan gelip çykýandyr. Emma «ilatyň arasynda okuw maslahatlary» we «köpçülikleýin wagyz işlerini geçirmegiň» gadagan edilmeginiň nähili düşündiriljekdigi doly aýdyň däldir.

Bu kadanyň, ygtyýarly döwlet edaralaryň wezipeli adamlary tarapyndan diňe syýasy çygyrda geçirilýän okuw maslahatlary we köpçülikleýin wagyz işleri hökmünde düşüniljekdigini ýa-da daşary ýurt kömeginiň hasabyna geçiriljek islendik okuw maslahatynyň we köpçülikleýin wagyz işini geçirmegiň öňüniň alynjakdygyny tejribe görkezer.

Ikinji ýagdaýda, türkmen daşary ýurt kömegini alyjylar durmuşy (mysal üçin, daşky gurşawy goramak ýa-da jynsy meseleler), şeýle hem, halk hojalygy we telekeçiligi ösdürmek çygyrlaryndaky (milli kanunçylygyň hukuk wagyzy işleri, öňde baryjy halkara tejribäni öwrenmek, hukuk medeniýeti we telekeçilik işini dolandyrmak we ş.m barada) okuw maslahatlary geçirmek üçin daşary ýurt kömegini alyp bilmezler.

Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almakda gerek bolan Netijenamany almak üçin degişli resminamalaryň toplumyny bermegiň düzgünlerinden başga-da, bu Tertipde daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almak işini utgaşdyrmak we gözegçilik etmek boyunça (Tertibiň 9-15 we 17-18 tesimleri) hem-de daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň durmuşa geçirilişini togtatmagyň we bes etdirmegiň tapgyrlaryny we tertibini (Tertibiň 46-50 tesimleri) kadalaşdyrýan düzgünler jemlenendir.

Tertibiň 47-nji bendine laýyklykda, daşary ýurt kömegini alyjylara ýol beren kemçiliklerini düzetmäge bir aý möhlet berilýär.

Eger-de düzgün bozulmalar yüze çykarylan halatynda görkezilen möhletiň dowamynda düzedilmese, Tertibiň 50-nji bendine laýyklykda, Döwlet topary daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almagy bes etdirmek barada çözgüt kabul edýär.

Daşary ýurt maliýeleşdirilmegi almagyň meselelerinde ýene-de iki sany hukuk nukdaýnazarlara üns berilmelidir.

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga (Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň "Telekeçi ýuridiki şahslar" 50-nji madda, "Telekeçi däl ýuridiki şahslar" 52-madda, "Ýuridiki şahslaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy" 52-nji madda; "Kärhanalar hakynda" Kanunyň "Kärhanalaryň döwlet belliginiň maksatlary we wezipeleri" 14-nji madda; "Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda" Kanunyň "Jemgyýetçilik birleşiklerini bellige almak" 17-nji madda;)

laýyklykda ýuridiki şahsyň Türkmenistanda döredilendigi baradaky hakykaty tassyklamak maksady bilen, ol kanunda bellenilen tertipde döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

Milli kanunçylyk tarapyndan bellenilen tertipde bellige alnan ýuridiki şahs, özüniň esaslandyryjylarynyň milletine garamazdan Türkmenistanyň dahyllylary bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 18-nji ýanwaryndaky 12792 belgili Kararyna degişli bolup durmaýar.

Haýyr-sahawat hakynda ýörite kanunyň ýokdygyna garamazdan, Türkmenistanyň milli kanunçylygynda haýyr-sahawatyň şeýle görnüşi haýyr-sahawat görnüşdäki sowgat etmek göz öňünde tutulandyr. Muňa kanunçylygyň bu bölegindäki kadalaryň hukuk seljermesi şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 18-nji ýanwaryndaky "Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almak hakynda" 12792 belgili Karary bilen tassyklanan Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almak we ýeke täk döwlet sanawyny ýöretmek hakyndaky Tertibiň "3-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän ähli daşary ýurt kömeginiň taslamalary we maksatnamalary hem-de höweslendirmeleri hökmünde "daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, maliýe institutlary hem-de daşary ýurt döwletleriniň fiziki şahslary tarapyndan **muzdsuz esasda berilýän kömekleriň we serişdeleriň hasabyna Türkmenistanda amala aşyrylýan taslamalar, maksatnamalar we höweslendirmeler kabul edilýär**".

Şeýlelikde, bu karara laýyklykda, hemaýat kömegini bellige almagyň tertibini düzgünleşdirmegiň predmeti - durmuşa geçirilmegi **takyk maksatlara ýetmäge gönükdirilen taslamalar, maksatnamalar we höweslendirmeler** bolup durýar. Tertibiň 19-njy bendine laýyklykda daşary ýurt kömegini alyjy ony **diňe taslamalarda, maksatnamalarda we höweslendirmelerde bellenilen maksatlar üçin** ulanmaga borçlanýar.

Ygtyýarlandyrylan döwlet edaralarynyň talaby boýunça şu talabyň bozulan halatynda daşary ýurt kömeginiň berilmegi togtadylýar ýa-da bes edilýär, serişdeleriň maksada laýyk ulanylmanlygyna günäkärler bolsa, jogapkärçilige çekilýär.

Daşary ýurt hemaýatçylaryň muzdsuz kömegi bermeginiň bu tutanýerli aýratynlygy - höweslendirmäniň maliýe şertleriniň çäklerinde takyk taslamanyň, maksatnamanyň ýa-da takyk işiň amala aşyrylmagyny şertlendirýär we muzdsuz daşary ýurt kömegini ulanmagyň ýene-de bir aýratynlygy hemaýatçylara taslamalaryň, maksatnamalaryň we höweslendirmeleriň berilmegi bolup durýar.

Haýyr-sahawat görnüşindäki sowgat etme şertnamasy gaýry hukuk tebigata eýedir.

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 552-nji maddasynyň 1-nji böleginde " Taraplar sowgat etmek şertnamasynyň hakyky bolmagynyň ol ýa-da beýleki şertiň ýerine ýetirilmegine ýa-da belli bir maksada ýetilmegine bagly bolmagyny kesgitläp bilerler. Bu maksat umumy peýda (haýyr-sahawat) üçin hyzmat edip biler." diýlip bellenendir.

Eger sowgat etme şertnamasynyň berjaý edilmegi haýsy-da bolsa bir şert ýa-da kesgitli maksady gazanmak bilen şertlenýän bolsa, onda RK-niň 552-nji maddasynyň 1-nji böleginiň soňky sözleminiň maksady takyk taslama, maksatnama ýa-da höweslendirme durmuşa geçirilende bolşy ýaly işiň takyk netijesini gazanmak däl-de umumy peýda bolan, sowgat etmäniň aýratyn görnüşi bolan haýyr-sahawaty belleýär.

Şeýlelikde, **takyk taslamanyň, maksatnamanyň ýa-da höweslendirmäniň amala aşyrylmagy ýaly maksatlar** üçin däl-de, guramanyň mätäçligi üçin ulanylýan, şol sebäpli umumy maksatlar üçin gulluk etjek daşary ýurt dahyllylary tarapyndan Jemgyýetçilik Birleşigine **haýyr-sahawat edilen serişdeler,** mälim bolşy ýaly, **2013-nji ýylyň 18-nji ýanwar aýyndaky 12792 belgili** Karary **bilen kadalaşdyrylmagyň predmeti bolup durmaýar**.

**Haýyr-sahawat şertnamasynyň nusgasy**

**Sowgat etmek şertnamasy**
**(haýyr-sahawat)**

**"____"__________2014 ýyl Aşgabat ş.**

"Big-Ben" (Beýikbritaniýa) Kompaniýasynyň direktory Agaýewa Jumamyradyň adyndan, mundan beýläk **"Sowgat ediji",** bir tarapdan we 24.10.2012 ýylyň 0000 belgili döwlet bellige alnyşy hakynda Şahadatnama, "Alada" Jemgyýetçilik guramasynyň başlygy Ataýewa Bahargül mundan beýläk **"Haýyr-sahawat berilýän",** beýleki tarapdan, Türkmenistanyň RK-nyň 552-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdakylar barada şu Şertnamany baglaşdylar:

**1.Şertnamanyň Predmeti**

1.1. Şu Şertnamanyň predmeti Sowgat ediji tarapyndan, Türkmenistanyň RK-nyň 548-549 maddalaryna, "Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda", "Eýeçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryna we "Alada" Jemgyýetçilik guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda, Haýyr-sahawat edilýän 15.05.2009 ý.d. Taňryguly Agamerdanowanyň bejergisi üçin (_____)0000 möçberdäki pul serişdesini görkezilen kanunlardan, Tertipnamadan we şu Şertnamadan gelip çykýan ähli hukuklaryň soňky ady agzalana geçmegi bilen sowgat etmek (haýyr-sahawat) bolup durýar.

1.1.1. Sowgat ediji muzdsuz Haýyr sahawat edilýäne 15.05.2009 ý.d. Taňryguly Agamerdanowyň bejerigisine muzdsuz 0000 (____) möçberdäki pul serişdelerini hem-de Haýyr-sahawat edilýäniň soňky ady agzalanyň bejerigisi bilen guramaçylyk çykdajy tölegleri geçirýär.

**2. Taraplaryň hukugy**

2.1. Haýyr-sahawat edilýän şu Şertnamanyň kanuny güýje giren senesinden başlap bir aýyň dowamynda oňa muzdsuz berilen pul serişdelerinden ýüz döndermäge haklydyr, Sowgat ediji bolsa, peşgeşi almakdan ýüz döndermegi netijesinde dörän hakyky zyýanyň öweziniň dolunmagyny Haýyr-sahawat edilenden talap etmäge haklydyr.

2.2. Sowgat ediji kanunda görkezilen esaslardan başga peşgeşi ýatyrmaga we Haýyr-sahawat edijiden pul serişdeleriniň gaýtarylyp berilmegini we onuň bilen bagly hukuklary talap etmäge haky ýokdur.

**3. Gaýry şertler**

3.1. Şu Şertnama taraplar tarapyndan gol çekilen senesinden başlap kanuny güýje eýedir.

3.2. Şu Şertnama Sowgat edijä we Haýyr-sahawat edijä her birine bir nusgadan iki nusgada rus dilinde düzülip, olar deň hukuk güýjine eýedir.

3.3. Şu Şertnama bilen bagly jedeller Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seredilýär.

**4. Taraplaryň gollary:**

| | |
|---|---|
| **"Sowgat ediji"** | **"Haýyr-sahawat ediji"** |
| "Big-ben" Kompaniýasynyň | "Alada" JB-niň başlygy |
| **direktory D.Agaýew** | **B.Ataýew** |

**Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyk namalardan**

# Çykaryp almalar

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2013-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda**
**çykaran 12792-nji karary bilen**
**tassyklandy**

**Türkmenistanda daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almagyň we Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň hem-de höweslendirmeleriň ýeke-täk döwlet sanawyny ýöretmegiň**
**TERTIBI**

1. Şu Tertip Türkmenistanda daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almagyň, şeýle hem Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň hem-de höweslendirmeleriň ýeke-täk döwlet sanawyny (mundan beýläk - Sanaw) ýöretmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň hem-de höweslendirmeleriň (mundan beýläk - Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri) döwlet tarapyndan hasaba alnandygy barada berlen netijenama bu taslamalary, maksatnamalary we höweslendirmeleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda durmuşa geçirmäge ygtyýar berýän esasy resminama bolup durýar.

Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almak işi ýörite netijenama bermek arkaly resmileşdirilýär. Netijenama degişlilikde Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan berilýär.

Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almagy utgaşdyrmak we oňa gözegçilik etmek işi Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik muzdsuz kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri döwlet tarapyndan hasaba almak işini utgaşdyrmak we gözegçilik etmek boýunça döwlet topary (mundan beýläk - Döwlet topary) tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary, maliýe edaralary, daşary ýurt kompaniýalary we gaznalary, jemgyýetçilik birleşikleri we dini guramalary, şahsy taraplary (mundan beýläk - Daşary ýurtly **hemaýatçylar**) tarapyndan Türkmenistanyň ministrliklerine we pudak edaralaryna, jemgyýetçilik birleşiklerine, dini toparlaryna we dini guramalaryna, şeýle hem beýleki **edara görnüşli we şahsy taraplaryna** (mundan beýläk - Daşary ýurt kömegiň alyjylar), eger-de bu Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelmeýän bolsa, **muzdsuz esasda berilýän <u>kömegiň we serişdeleriň hasabyna</u> Türkmenistanda dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýan <u>taslamalar, maksatnamalar we höweslendirmeler,</u>** olary durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly berilýän nagt we nagt däl görnüşdäki pul serişdeleri, şol sanda daşary ýurt pullary, harytlar we serişdeler, ýerine ýetirilýän işler we hyzmatlar daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň **taslamalary, maksatnamalary** hem-de höweslendirmeleri bolup durýar.

4. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi (mundan beýläk - Hasaba alýan döwlet edaralary) Türkmenistanda daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet tarapyndan hasaba alýan döwlet edaralary bolup durýarlar.

5. Daşary ýurtly hemaýatçylar Türkmenistanda Daşary ýurt kömegini alyjylara berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine ýüz tutýarlar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bu ýüztutmalary olarda görkezilen edara görnüşli we şahsy taraplara hem-de berilýän Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň zerurlygyny kesgitlemek üçin ygtyýarly döwlet edaralaryna iberýär.

6. Ygtyýarly döwlet edaralary gelip gowşan ýüztutmalary kanunçylyga laýyklykda öwrenýär we berilýän Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň zerurlygy barada gelen netijesi hakynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen, degişlilikde hasaba alýan döwlet edaralaryna habar berýär.

7. Hasaba alýan döwlet edaralary daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almaga isleg bildiren Daşary ýurt kömegini alyjylaryň arzasyna seredip, bu meseläni Daşary ýurt enjamlaýyn,

maliýe, ynsanperwerlik kömeginiň taslamalaryny we maksatnamalaryny hem-de höweslendirmeleri hasaba almak işini utgaşdyrmak we gözegçilik etmek boýunça Döwlet toparynyň mejlisinde garamaga taýýarlaýar.

8. Daşary ýurt kömegini alyjylaryň berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini durmuşa geçirmäge bolan mümkinçiligi bilen bagly meseleleriň ýüze çykan halatynda ýa-da beýleki zerur ýagdaýlarda Hasaba alýan döwlet edaralarynyň bu meseleleri anyklamak üçin, hünärmenleriň netijesini we degişli edaralardan maglumatlary almaga we ondan soňra Döwlet toparynyň mejlisinde garamak üçin hödürlemäge hukugy bardyr.

9. Döwlet toparynyň mejlisleri Döwlet toparynyň başlygy, onuň bolmadyk ýagdaýynda başlygyň orunbasary tarapyndan geçirilýär.

10. Döwlet toparynyň mejlisi onuň agzalarynyň doly düzüminiň, mümkinçilik bolmadyk halatynda bolsa, Döwlet toparynyň agzalarynyň azyndan üçden iki böleginiň gatnaşan ýagdaýynda meselelere garamaga ygtyýarly hasap edilýär.

11. Döwlet toparynyň mejlisi zerurlyga görä, ýöne azyndan aýda bir gezek geçirilýär.

12. Döwlet toparynyň mejlisiniň geçirilýän senesi we wagty barada Döwlet toparynyň agzalary 5 gün öňünden habarly edilýär.

13. Döwlet toparynyň mejlisine zerur halatlarda hünärmenler we Daşary ýurt kömegini alyjylar ýa-da olaryň ygtyýarly wekilleri çagyrylyp bilner.

14. Döwlet toparynyň mejlisinde garalan meseleleriň her biri boýunça aýratynlykda çözgüt kabul edilýär.

15. Döwlet toparynyň mejlisinde Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almak barada Daşary ýurt kömegini alyjynyň arzasyna garamagyň netijesi boýunça bu kömegi almaga ygtyýar bermek ýa-da ygtyýar bermekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul edilýär.

Eger-de garalýan mesele boýunça anyklanmagy talap edýän goşmaça ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, bu mesele boýunça gutarnykly çözgüt kabul etmek gaýra goýlup bilner.

16. Daşary ýurt kömekleriniň ähli görnüşlerini hasaba almakdan ýüz döndermek üçin şular esas bolup durýar:

Daşary ýurt kömegini alyjy barada nädogry maglumatyň berilmegi;

Daşary ýurtly hemaýatçylar barada nädogry maglumatyň berilmegi;

Daşary ýurt kömegini alyjynyň teklip edilen taslamany ýa-da maksatnamany durmuşa geçirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlar.

17. Döwlet toparynyň mejlisi teswirnama düzmek arkaly resmileşdirilýär.

Teswirnamada mejlisiň geçirilen ýeri, senesi, wagty, kätibi we gatnaşan Döwlet toparynyň agzalary, mejlisiň gün tertibi, Daşary ýurt kömegini alyjylaryň wekilleri baradaky maglumatlar hem-de olaryň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalar, seredilen meseleleriň her biri boýunça aýratynlykda gelnen netije we çykarylan çözgüt görkezilýär.

18. Döwlet toparynyň mejlisiniň kätibi bolup, toparyň mejlisinde seredilýän meseleleriň degişliligine görä, Hasaba alýan döwlet edaralarynyň şol ugur boýunça iş alyp barýan bölüminiň başlygy gatnaşýar.

19. Daşary ýurt kömegini alyjy Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini **diňe bellenen maksatlar üçin** ulanmaga borçludyr. Bu talabyň bozulmagy daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň alynmagyny togtatmak, ondan ýüz öwürmek, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, talabyň bozulmagynda günäkär edara görnüşli we şahsy taraplaryň jogapkärçilige çekilmegi baradaky meseläniň goýulmagyna getirip biler.

20. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almagy togtatmak we ony almakdan ýüz döndermek Döwlet toparynyň mejlisiniň çözgüdi esasynda amala aşyrylýar.

21. Daşary ýurt kömegini alyjylaryň Daşary ýurtly hemaýatçylaryň teklip eden daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almakdan ýüz öwren ýagdaýynda, şeýle hem Döwlet toparynyň çözgüdine laýyklykda olary kabul etmekden ýüz dönderilen halatynda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen degişli Daşary ýurtly hemaýatçylara bu barada esaslandyrylan habar iberilmäge degişlidir.

22. Hasaba alýan döwlet edaralary degişlilikde daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almagyň, şeýle hem Daşary ýurt enjamlaýyn, maliýe, ynsanperwerlik kömeginiň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň hem-de höweslendirmeleriň ýeke-täk döwlet sanawyny ýöretmegiň ýagdaýy barada çärýekde bir gezek Döwlet toparyna hasabat berýär.

23. Daşary ýurt kömegini alyjylar daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba aldyrmak hem-de Sanawa goşdurmak üçin degişlilikde Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligine hem-de degişli welaýat adalat bölüminiň üsti bilen, Aşgabat şäherinde bolsa, gönüden-göni Türkmenistanyň Adalat ministrligine şu resminamalary berýär:

arzany;

goşulýan sanawa laýyklykda Sanawyň maglumat binýadyny döretmek üçin zerur bolan resminamalary.

Şeýle resminamalaryň görnüşleri we nusgalary degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralary tarapyndan tassyklanýar.

24. Hasaba alýan döwlet edaralary daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini Döwlet toparynyň oňyn çözgüdi esasynda döwlet tarapyndan hasaba alýar.

25. Resminamalaryň degişli toplumy berlenden soň:

Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerine aýratyn tapawutlandyryş nyşanyny ýa-da belgisini bermek bilen, bular baradaky maglumatlary Sanawa goşmak arkaly olary döwlet tarapyndan hasaba almak amala aşyrylýar;

Degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralary tarapyndan döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakynda bellenen nusgada netijenama berilýär.

Döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky netijenama degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralarynyň möhri bilen güwä geçilýär.

26. Döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky netijenama Daşary ýurt kömegini alyja, utgaşdyryja ýa-da bu kömegi alyjy tarapyndan ygtyýarly edilen, pasport maglumatlary görkezilip, bellenen tertipde resmileşdirilen ynanç haty bolan adama berilýär.

27. Daşary ýurt kömegini alyjylar Daşary ýurtly hemaýatçylaryň berýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri boýunça, şol sanda olaryň göz öňünde tutulýanlary, hereket edýänleri

we tamamlananlary hakyndaky maglumatlary degişlilikde Hasaba alýan döwlet edarasyna bermäge borçludyr.

28. Hasaba alýan döwlet edaralary çärýekde bir gezek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini hasaba almak boýunça işiň ýagdaýy barada hasabat berýär.

29. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini durmuşa geçirmegiň barşy hakyndaky maglumatlary her aýda, hasabat aýynyň yzyndan gelýän aýyň 3-ine çenli Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine bellenen tertipde tassyklanan görnüş boýunça berýär.

30. Dahylly edaralar tarapyndan Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligine, Türkmenistanyň Adalat ministrligine berilýän ýa-da Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginden, Türkmenistanyň Adalat ministrliginden alynýan aýan edilmesiz häsiýetli resminamalar hem-de maglumatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatdan başga ýagdaýlarda, Daşary ýurt kömegini alyjynyň razylygy bolmasa, aýan edilmäge, çap edilmäge ýa-da üçünji taraplara berilmäge degişli däldir.

31. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi ýeke-täk döwlet sanawyny saklaýjy bolup durýar.

32. Sanaw ýörite ulgamlaşdyrylan maglumat binýadyndan ybarat bolmak bilen, ol Daşary ýurtly hemaýatçylar tarapyndan Daşary ýurt kömegini alyjylara berilýän, Türkmenistanda döwlet tarapyndan hasaba alnan daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri hakyndaky maglumatlary özünde jemleýär.

33. Maglumat binýadyny döretmäge Hasaba alýan döwlet edaralaryndan hem-de Daşary işler ministrliginden Daşary ýurt kömegini alyjylara Daşary ýurtly hemaýatçylar tarapyndan berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri bilen bagly gelip gowşan resmi maglumatlar esas bolup durýar.

34. Sanawyň esasy maksatlary:

ýeke-täk döwlet hasaba alşyny ýöretmekden;

durmuş-ykdysady hadysalary dolandyrmak üçin peýdalanylýan kadalaşdyryjy-maglumat beriş resminamalaryny düzmekden;

Türkmenistanda daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň hasaba alnan taslamalaryna we maksatnamalaryna hem-de höweslendirmelere doly we hemmetaraplaýyn gözegçiligi üpjün etmekden ybaratdyr.

35. Jemgyýetçilik birleşikleri, dini toparlar we dini guramalar üçin berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hasaba alnan taslamalar we maksatnamalar hem-de höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar, Sanawa goşmak üçin görkezilen ministrlik tarapyndan Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligine berilýär.

36. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň maglumatlary üýtgän mahaly, şol maglumatlar Sanawa girizmek üçin degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralaryna bellenen tertipde berilýär.

37. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almak hakyndaky, şeýle hem olaryň maglumatlarynyň üýtgemegi hakyndaky maglumatlar hökmany ýagdaýda Sanawa girizilmäge degişlidir.

38. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň durmuşa geçirilýän döwründe olaryň maksadalaýyk peýdalanylyşyna gözegçiligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, dahylly döwlet edaralarynyň gatnaşmagynda degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralary amala aşyrýar.

39. Daşary ýurtly hemaýatçylar tarapyndan berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň durmuşa geçirilişi boýunça barlag işlerini amala aşyrmagiň tertibi Hasaba alýan döwlet edaralarynyň pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär.

40. Eger-de Daşary ýurt kömegini alyjy bilen Daşary ýurtly hemaýatçylaryň özara ylalaşygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, alnan daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri boýunça alnýan muzdsuz haryt, enjam, nagt we nagt däl görnüşdäki pul serişdeleri diňe Daşary ýurt kömegini alyjylaryň maksatlary üçin peýdalanylmalydyr we olar üçünji taraplara berlip, satylyp ýa-da kärendesine berlip bilinmez.

41. Daşary ýurtly hemaýatçylaryň daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri hökmünde nagt we nagt däl görnüşde berýän pul serişdelerini, şol sanda daşary ýurt pullaryny daşary ýurt kömegini alyjylaryň adyna bank hasabyny açmak we şol hasaplaryň üstünden töleg geçirmek (bank amallarynyň geçirilmegi) Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

42. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri hökmünde nagt we nagt däl görnüşde berilýän pul serişdeleri bilen baglanyşykly hereketler-amallar (bu pul serişdelerini alyjylaryň adyna bank hasabyny açmak we şol hasaplaryň üstünden töleg geçirmek, pul serişdelerini bellenen maksat üçin ulanmak we beýlekiler) amala aşyrylanda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi amala aşyrýar.

43. Daşary ýurt kömegini alyjylar tarapyndan Daşary ýurtly hemaýatçylardan daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri hökmünde Türkmenistanyň çäklerinde ýa-da onuň çäklerinden daşarda alnan nagt pul serişdeleri Türkmenistanyň çäklerine getirilen senesinden 5 (bäş) bank gününden gijä galman karz edarasynda Daşary ýurt kömegini alyjynyň adyna açylan bank hasabyna goýulmalydyr.

44. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri, şeýle hem onuň durmuşa geçirilmegi üçin alnan harytlar, emläkler we beýleki serişdeler kanunçylykda gadagan edilen hereketleri amala aşyrmak üçin peýdalanyp bilinmez.

45. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleri, şeýle hem onuň durmuşa geçirilmegi üçin alnan harytlar, emläkler, pul we beýleki serişdeler saýlawlara, sala salşyklara taýýarlyk görmek we geçirmek, deputaty yzyna çagyrmak, ýygnanyşyklary, köçe ýörişlerini, mitingleri, demonstrasiýalary, garşylyklary, iş taşlaýyşlary guramak we geçirmek, wagyz maglumatlaryny taýýarlamak, ýaýratmak we syýasy partiýalaryň maksatlary, şeýle hem ilatyň arasynda okuw maslahatlary we syýasy we köpçülikleýin-wagyz işleriniň beýleki görnüşlerini geçirmek üçin peýdalanyp bilinmez.

46. Daşary ýurtly hemaýatçylar tarapyndan berilýän daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň niýetlenen maksat üçin ulanylmadyk ýa-da netijesiz ulanylan ýagdaýynda degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralarynyň Döwlet toparynyň öňünde daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň durmuşa geçirilişini togtatmak baradaky meseläni goýmaga hukugy bardyr.

47. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini niýetlenen maksat üçin ulanmadyk Daşary ýurt kömegini alyjylar ýol beren bu kemçiliklerini bir aý möhletde düzetmäge borçludyrlar.

48. Daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşleriniň durmuşa geçirilişini togtatmaga esas bolan düzgün bozulmalary düzedilen halatynda Daşary ýurt kömegini alyjynyň şol kömegi durmuşa geçirmegini togtatmak baradaky çözgüdi ýatyrmak barada degişli Hasaba alýan döwlet edaralaryna ýüz tutmaga hukugy bardyr.

49. Ýüze çykarylan düzgün bozulmalar bellenen möhletiň dowamynda Daşary ýurt kömegini alyjy tarapyndan düzedilmedik halatynda, degişlilikde Hasaba alýan döwlet edaralary bu barada bellenen tertipde Döwlet toparyna we degişli Daşary ýurtly hemaýatçylara habar berýär.

50. Döwlet topary ýüze çykarylan düzgün bozulmalaryň şu Tertibiň 47-nji bölüminde görkezilen möhletiň dowamynda düzedilmedik halatynda daşary ýurt kömeginiň ähli görnüşlerini almagy bes etdirmek barada çözgüt kabul edýär.

---

## TÜRKMENISTANYŇ RAÝAT KODEKSI

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ýyl, № 1, II böl. 7-nji madda)

**6 madda. Raýat kanunlaryny meňzeşlik boýunça ulanmak**

1. Şu Kodeksiň 2 maddasynyň 1 we 2 punktlarynda göz öňünde tutulan gatnaşyklar kanunlar arkaly ýa-da taraplaryň ylalaşygy arkaly gös-göni düzgünleşdirilmedik hem-de şolar mümkin bolmadyk mahalynda, taraplaryň hukuklary we borçlary raýat kanunlarynyň umumy başlangyçlaryndan we manysyndan ugur alnyp (hukuk meňzeşligi) kesgitlenilýär.

3. Hukuk kadasy bolmadyk ýa-da ol aýdyň däl mahalynda kazyýetiň raýat işleri boýunça adyl kazyýeti amala aşyrmakdan ýüz döndermäge haky ýokdur.

4. Raýat hukuklaryny çäklendirýän we jogapkärçiligi belleýän kadalaryň meňzeşlik boýunça ulanylmagyna ýol berilmeýär.

**50 madda. Telekeçi ýuridiki şahslar**

Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen telekeçilik (täjirçilik) işinden ybarat bolan ýuridiki şahslar telekeçi ýuridiki şahslar bolup durýarlar. Telekeçi ýuridiki şahslar kanuna laýyklykda döredilýär.

**51 madda. Telekeçi däl ýuridiki şahslar**

1. Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen telekeçilik (täjirçilik) işinden ybarat bolmadyk ýuridiki şahslar telekeçi däl ýuridiki şahslar bolup durýarlar. Kömekçi häsiýete eýe bolan telekeçilik işi telekeçi däl ýuridiki şahsyň häsiýetini üýtgetmeýär. Telekeçi däl ýuridiki şahslar jemgyýetçilik guramalary we fondlar görnüşinde döredilýär.

2. Eger birnäçe şahs özleriniň öňünde umumy maksady goýýan bolsa, özem ýuridiki şahsyň dowam etmegi onuň düzümindäki agzalaryň üýtgetmegine bagly bolmaýan bolsa, onda şeýle ýuridiki şahs jemgyýetçilik guramasy bolýar. Jemgyýetçilik guramany döretmek üçin azyndan agzalaryň bäşisi zerurdyr.

3. Döredijileriň biri ýa-da birnäçesi jemgyýet üçin umumy peýdaly maksady gazanmak üçin ýörite emlägini agzalary bolmadyk garaşsyz subýektiň eýeçiligine berýän mahalynda ýuridiki şahs fond bolýar.

**52 madda. Ýuridiki şahslaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagy**

1. Ýuridiki şahs kanunda kesgitlenýän tertipde döwlet tarapyndan bellige alynmalydyr. Döwlet tarapyndan bellige alnyş maglumatlary, şol sanda täjirçilik guramalary üçin firmanyň ady ýuridiki şahslaryň Bitewi döwlet reýestrine girizilýär, bu reýester bolsa hemmeleriň tanyşmagy üçin açykdyr.

Ýuridiki şahslaryň döwlet tarapyndan bellige alynmagynyň ret edilmegi, şonuň ýaly-da şu hili bellige alnyşdan boýun gaçyrylmagy barada kazyýete şikaýat edilip bilner.

2. Ýuridiki şahs onuň döwlet tarapyndan bellige alnan pursatyndan başlap döredilen diýlip hasap edilýär.

**548 madda. Düşünje**

Sowgat etmek şertnamasy boýunça peşgeş beriji peşgeş berilýäniň razyçylygy bilen emlägi onuň eýeçiligine mugt berýär.

**549 madda. Sowgat etmek şertnamasyny baglaşmak. Sowgady wada bermek**

1. Sowgat etmek şertnamasy emlägiň berlen pursatyndan başlap, baglaşylan hasaplanylýar.

2. Eger sowgat etmek predmeti özi baradaky hukuk diňe kanunda bellenilen görnüşde berjaý edilen mahalynda ýüze çykýan emläkden bolsa, onda sowgat etmek şertnamasy üçin bu görnüşi berjaý etmek hökmandyr.

3. Sowgady wada bermek şeýle halatda, şol wadanyň notarial tertipde tassyklanylan mahalynda sowgat etmek borçnamasyny döredýär.

**552 madda. Haýyr-sahawat**

1. Taraplar sowgat etmek şertnamasynyň hakyky bolmagynyň ol ýa-da beýleki **şertiň ýerine ýetirilmegine ýa-da belli bir maksada ýetilmegine bagly bolmagyny belläp bilerler**. **Bu maksat umumy peýda (haýyr-sahawat) üçin hyzmat edip biler.**

2. Sowgat berijiden başga-da, öz bähbidi üçin şert goýlan her bir şahs şertiň ýerine ýetirilmegini talap edip biler.

3. Eger zat sowgat berilýän şahs şerti ýerine ýetirmese, onda sowgat beriji şertnamadan ýüz dönderip biler.

---

**TÜRKMENISTANYŇ**
**K A N U N Y**
**Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň**
**hukuk ýagdaýy hakynda**

**(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 1, 13-nji madda)**

**1-nji madda. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary**

Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan hem-de özüniň haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidigini subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary diýlip ykrar edilýär.

---

**TÜRKMENISTANYŇ**
**K A N U N Y**

**KÄRHANALAR HAKYNDA**

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2000 ý.¸ № 2¸ 13-nji madda; 2009 ý. № 2, 33-nji madda; 2012 ý. № 1, II b., 48-nji madda; №2, 51-nji madda; 2013 ý.№4, 82-nji madda)
(Türkmenistanyň 31.03.2012 ý. we 04.05.2012 ý.
Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Şu Kanun Türkmenistanda kärhanalary döretmegiň, olaryň işiniň we işini bes etmeginiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

**1 madda. Kärhana**

Kärhana hökmünde şu kanunyň talaplaryna laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar üçin jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti hasaplanýar.

**3 madda. Kärhanalaryň hukuk ýagdaýy**

1. Kärhananyň hukuk ýagdaýy - munuň özi kanunçylyk tertibinde kärhananyň hukuk subýekti hökmünde hukuklarynyň we borçlarynyň berkidilen ulgamydyr.

2. Kärhana döwlet belligine alnan pursatyndan başlap, hukuk subýektine öwrülýär.

3. Kärhana öz adyndan hukuklara eýe bolýar we olary amala aşyrýar, öz üstüne borçlary alýar.

**14 madda. Kärhanalaryň döwlet belliginiň maksatlary we wezipeleri**

Kärhanalaryň döwlet belligi şu maksatlar üçin amala aşyrylýar, ýagny:

**Türkmenistanda kärhananyň döredilendigi, şeýle hem onuň üýtgedilip guralandygy** ýa-da ýatyrylandygy hakyndaky hakykaty tassyklamak üçin;

Türkmenistanda döredilýän¸ şeýle hem üýtgedilip guralmaga ýa-da ýatyrylmaga degişli kärhanalaryň ýeke-täk hasabyny ýöretmek üçin;

Türkmenistanyň çäginde döredilen¸ üýtgedilip guralan ýa-da ýatyrylan kärhanalar hakynda edara görnüşindäki we fiziki taraplary degişli habar bilen üpjün etmek üçin.

---

**TÜRKMENISTANYŇ BITEWI KANUNY**
**SALGYTLAR HAKYNDA**

**17-nji madda. Edara görnüşli taraplar –Türkmenistanyň dahyllylary we dahylsyzlary**

1. Salgyt salmak maksady üçin edara görnüşli tarap aşakdaky ýagdaýlarda Türkmenistanyň dahyllysy hasaplanýar:

eger-de ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan) bolsa;

ýa-da onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdirýeti ýa-da şulara meňzeş edaralary) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa.

2. Şu maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda Türkmenistanyň dahyllylary bolup durmaýan edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň dahylsyzlary diýlip ykrar edilýär.

---

# TÜRKMENISTANYŇ KODEKSI
# ADMINISTRATIW HUKUK BOZULMALARY HAKYNDA

**(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2013 ý.¸ № 3¸ II b. 52-nji madda; "Neýtralnyý Türkmenistan" gazetiniň 2013-nji ýylyň 19-njy noýabryndaky neşiri № 338-339 (27209-27210)**

**65-nji madda. Jemgyýetçilik birleşiginiň işini guramak tertibiniň bozulmagy**

1. Jemgyýetçilik birleşigini döwlet belligine aldyrmakdan boýun gaçyrylmagy, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan jemgyýetçilik birleşiginiň, şonuň ýaly-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň işine ýolbaşçylyk edilmegi ýa-da onuň işine gatnaşylmagy -

binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan jemgyýetçilik birleşikleri, şonuň ýaly-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşikleri barada bulara salgylanmazdan maglumatlary ýaýratmak tertibiniň bozulmagy -

binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

3. Döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşiginiň, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýatyrylan ýa-da işi bes edilen ýa-da işlemegi gadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň maliýeleşdirilmegi -

maliýe serişdelerini muzdsuz alyp ýa-da alman,binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

4. Jemgyýetçilik birleşigi, şol sanda döwlet belligine alynmadyk jemgyýetçilik birleşigi ýa-da olaryň agzalary ýa-da gatnaşyjylary tarapyndan daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslaryndan maliýe, maddy we beýleki kömegi bellige almagyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibiniň bozulyp, şeýle kömegiň alynmagy -

maliýe, maddy we beýleki serişdeleri muzdsuz alyp, fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara – bäşisinden onusyna, ýuridik şahslara –binýatlyk mukdaryň ellisinden ýüzüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.

5. Jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk işleriň amala aşyrylmagy, şonuň ýaly-da gadagan edilen hereketleriň edilmegi ýa-dagadagan edilen jemgyýetçilik birleşiginiň hereket etmegi ýa-da onuň adyndan haýsydyr bir hereketiň amala aşyrylmagy -

fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara –binýatlyk mukdaryň bäşisine, ýuridik şahslara –binýatlyk mukdaryň onusyna çenli möçberde jerime salynmagyna ýa-da ýuridik şahslaryň alty aýa çenli möhlete administratiw taýdan işiniň togtadylmagyna eltýär.